# Ýer şar aýlanýar

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 26 января, 2025
Ýer şar aýlanýar ÝER ŞAR AÝLANÝAR



Sagat dili yza aýlanyp,
Şapak,
Günbatardan Güneş dogýar,
Geçen güne dolanýañ.
Ýadaw başyñ aşak egip,
Asyl öýe, häzir bolsa öýlänara
öýden işe golaýlap
Yza ädimleýäñ iş ýeriñe barýañ.
Sowan kofäñ ýañadandan
bugaryp,
Diwardan asylgy sagada bakýañ.
Ol bolsa içiñi ýakýan deý juklap,
Geçen her pursaty yza saraýar.
Sen bolsa garaýañ iş kagyzlaryña,
Birin-birin göz gezdirýäñ ýañadan
Bu zatlaryñ ählisiniñ üstüne
Penjiräñde guşjagazlar saýraýar,
Çagalar ylgaşýar jagylda-jugul…

…Eglenen ulaglar çalýar signaly,
Bu zatlaryñ ählisine syn edip,
Neneñ oturdyñ sen hiç zat ýazmany…
…Bulaşyklyk. Düşünemok hiç zada…

…Sagat dili bolmalysy deý aýlanýar,
Gelejege ädim ädýäñ, oýanýañ,
Täze Güneş dogýar.
Ýer şar aýlanýar.

Kerwenaly HUDAÝNAZAROW. Goşgular